# Şygyr gijesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şygyr gijesi ŞYGYR GIJESI

Şu gün şahyrlaryñ şygyr gijesi,
Çöllerem,
düzlerem,
daglaram şygyr.
Gelýär göwnüñ ganat baglap uçasy,
Öwür gulaklarñy, şygyra öwür.

Gyzlar gözel goşgyñ bentleri ýaly,
Üýşseler – şygyrlar depderi ýaly.
Ak telpekli, ak köýnekli ýigitler,
Şygyr asmanynda kepderi ýaly.

Garrylar meñzeşip goja şahyra,
Klassyklar kimin görünýär dana.
Çagalaram şahyr sözläberseler.
Hemmejesem ussat goşgy goşmaga.

Tutuş gijä dury lira ýañ berip,
Beýnä siñip, kalbymyzy üwräp dur.
Bu görnüşe Aý asmanda sülmüräp,
Tutuş älem ýere bakyp diñläp dur.

Kümüş çeşme – kümüş sözleñ ergini,
Akyp ýatyr kümüş sesli ýañlanyp.
Şejerlerem şygyr boldy, gör muny!
Giden ymgyr ýaýla ýatyr hiñlenip.

Alyslara gidýän ýollaram şygyr,
Ýapraklaram şygyr, köllerem şygyr.
Bu gije hut ellän zadyñ zarñyldap,
Owaz edýär, kalbyñ elenýär şü bir!..
Şygyr,

şygyr,
şygyr!

* * *

Ýar, saña ýañadan aşyk bolmuşam,
Kyrk ýaşdan soñ.
Hiý, kelläñe geljekmi!
Ýigitligiñ howalasy dolandy,
Indi gallaw bolmasam-da onçakly.

Bolmajak zat ýaly synlasañ daşdan,
Ýatlamada gaýtalanýar bu diñe!
Bu täsin pursady geçirmek başdan,
Başky söýgä özüñ oklamak ýene.

Sary DURDYÝEW. Goşgular